Moskwanyň we ähli Rusuň Patriarhy KIRILLIŇ
arhipastyrlara, ruhanylara, diakonlara, monahlyk edýänlere we
Rus Prawoslaw Buthanasynyň ähli wepadar perzentlerine
Roždestwo baýramy ýüzlenmesi

Hudaýyň ýalkany arhipastyrlar, akýürekli preswiterler we diakonlar, Hudaýa tagzym edýän inoklar, gadyrly doganlar we uýalar!

Siziň hemmäňizi Messihiň Roždestwosy (Doglan Güni) beýik baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

Bu röwşen gijede ähli ýaradylanlar begenýär, häzir halklaryň umydy we dünýäniň Halasgäri Hudaý golaýlaşýar we gelýär ahbetin (Messih Roždestwosy Baýramçylygynyň öň ýanynda okalýan doga sazlaşygy kanony). Halasgäriň gelmelerine jennetden kowlandan soň Özüniň Ýaradany bilen baglanyşygyny ýitiren, Taňrynyň barlygyny gündelik duýmaklygyň we Onuň sesini juda golaýyňda eşitmegiň nähili şatlyklydygyny ýadyndan çykaran adamlar uzak ýyllap umyt baglaýardylar. Onuň sesi, Oňa ýüzlenmek mümkinçiligine eýe bolmak we dessine jogabyny almak, özüňiň doly howpsuzlykdadygyňy bilmekdir – sebäbi Hudaý seniň ýanyňda.

Hut şu howpsuzlyk, goraglylyk we rahatlyk duýgulary şu günki günde ýagny, weýran ediji ýoňuň entägem biziň durmuşymyza özüniň düzedişlerini girizýän wagtynda, nämedir bir zady çaklamagyň we meýilnamalar gurmagyň kyn gününde, ertirki güne bolan ynamsyzlygyň hemişe dartgynlykda saklaýan we howsala dörедýän wagtynda bize juda ýetmezçilik edýär. şeýle hem bolsa, bu aňsat bolmadyk ýagdaýlarda biz adam barlygynyň näzikligini ýiti duýduk, her bir täze günüň Taňrynyň beýik peşgeşi hökmünde gadyryny bilmelidigimize akyl ýetirdik, mejbury ýekeligiň nähili agyr ýüke öwrülýänligine we dogan-garyndaşlaryň we ýakynlaryň bilen islendik wagtda ýüzbe-ýüz gürleşmek mümkinçiligine eýe bolmagyň nähili wajyplygyna düşündik.

Häzir sallançakda ýatan Bäbek Messihe, Onuň Halal Enesine we dindar Yusup nikadasyna nazar salanymyzda, diňe Hudaýa we adamlara bolan söýginiň bizi dürli synaglarda berkitmäge, ýüreklerimizdäki gorkyny kowmaga, haýyrly işleri amala aşyrmak üçin güýç bermäge ukyplydygyna düşünýäris.

Hudaýyň Mukaddes Enesi hem Özüniň ömrüniň iň bir wajyp pursatlarynda agyr ýagdaýlardady ahyryn – keseki şäherde, çola ýerde, mallar üçin gowakda. Emma, pukara gowak Onuň üçin ajaýyp otag bolup görünýärdi (Baýramçylygyň öň ýanyndaky tropar), sebäbi Ogluna we Hudaýa bolan söýgi Onuň ýüregini doldurýardy; bu söýgi daş-töwerekdäki ähli zady özgerdipdi we Halal Gyz gowagyň ne amatsyzlyklaryny ne-de *soňky garyplygyny* görýärdi. Ýaradyja bolan minnetdarlyk we täze doglan Bäbege bolan mähirlilik Oňa hiç bir zatda kynçylyk görmezlige we Hudaýyň Oňa iberen ähli ýagdaýlarynda Taňrynyň gowy Işlerini görmäge mümkinçilik berýärdi. Bu, mysal üçin, su kesel sebäpli, öýden çykmazlyk talaby wagtynda köp adamlaryň hatda öz mährem öýün sol mahal zyndan hökmünde gören, gama batan we ähli zatda diňe garaňkylygy gören wagtynda, Hudaýyň iberen synaglaryny biziň kabul edişimizden nähili tapawutlanýar.

Bu gün hyýalyňda Ýaradanyň ýanysyra ähli ýaradylanlaryň – adamlaryň hem, haýwanlaryň hem, perişdeleriň hem, *Mukaddes we Üç Günüň Şapagynyň hyzmatkärleriniň* (duşenbe irinde 5-nji sesiň kanony) toplanýan Halasgäriň sallançagynyň ýanynda durmak bilen, - özümizi Hudaýyň söýgüsi bilen gurşalan we Messihiň töwereginde jemlenen hökmünde duýalyň. Göwünlerimizdäki gorky we ynamsyzlyk, howsala we lapykeçlik zynjyrlaryny goparalyň, günälerden doly topraklara gelýän we ähli *kynçylyk çekýänleri we umytsyzlary*, olara ynjalyklygy wada etmek bilen, Öz ýanyna çagyrýan (Mf. 11,28) Hudaýyň Oglunyň sesini eşideliň. Gelýär – we bize harjalan jennet eşretleri täzeden hakykata öwrüler ýaly ýaşamagy we hatda ondan hem artygyny – adamyň Hudaý bilen akyla sygmajak we syrly görnüşde birleşmegini öwredýär.

*Zeminde dünýä gelen Gökleriň Şasy* (baýramçylygyň stihirleri) biziň halas bolmagymyz üçin eýýäm ähli zady etdi. Bize diňe Onuň söýgüsini kabul etmek we oňa özümiziň hereketlerimiz – parzly merhemetli işli ömrümiz, Hudaý bilen bolmaga berk ynanjymyz we islegimiz, Onuň Atalyk ellerinden diňe bir bol eçilişi kabul etmäge däl-de, eýsem, Oňa berk bil baglamak we ynanmak bilen ol ýa-da beýleki kynçylyklary ýeňip geçmäge taýýarlygymyz bilen jogap bermek galýar.

Meniň gadyrdanlarym, sizi Messihiň Roždestwosy bilen gaýta we gaýta gutlaýaryn. “*Bu şatlyga goşulmakdan hiç kim mahrum edilen däldir* – diýip, arhiereý Lew Welikiý nygtaýar, - *şatlygyň sebäbi hemmeler üçin umumydyr ahyryn. Goý, keramatly ynsan şatlansyn, çünki şöhrada golaýlaşýar. Goý, günäli ynsan şatlansyn, çünki oňa günäsiniň geçilmegi bagyşlanýar”* (Messihiň Roždestwosy üçin I Söz). Hudaý biziň ählimize ruhy we beden saglygyny, egsilmeýän şatlyk we gujurly ruh bersin, siziň çekýän zähmetleriňizde we mundan beýläkki menzilleriňizde çykyş ýollaryny berkitsin. Omyn.

---

MOSKWANYŇ WE ÄHLI RUSUŇ PATRIARHY
Messihiň Roždestwosy
2021/2022 ý.
Moskwa